## YLYMLARYŇ KANDIDATY ALYMLYK DEREJESINE DALAŞGÄRLERI BERKITMEGIŇ TERTIBI:

Ylymlaryň kandidaty alymlyk derejesine dalaşgärler ýokary bilimli bolmalydyrlar.

Aspiranturada doly okuw geçenler ylymlaryň kandidaty alymlyk derejesine dalaşgär hökmünde kabul edilmeýär.

Dalaşgärleri kandidatlyk dissertasiýalaryny taýýarlamak üçin berkitmek 3ýyldan köp bolmadyk möhletde amala aşyrylýar.

Bir wagtyň özinde iki ýa-da birnäçe ýokary okuw mekdebinde ýa-da ylmy edarada dalaşgär bolmaga rugsat edilmeýär.

Ylymlaryň kandidaty alymlyk derejesine dalaşgärleriň ýokary okuw mekdebine ýa-da ylmy edara berkidilmegi üçin:

- ýokary okuw mekdebiniň rektorynyň ýa-da ylmy barlag edaranyň ýolbaşçysynyň adyna arzasyny;
- ýokary bilimi hakynda diplomynyň nusgasyny (ýokary bilimi daşary ýurtda alanlar üçin – degişli diplomynyň we onuň deň derejelidigini tassyklaýan Türkmenistanyň Bilim ministrligi tarapyndan berlen ykrar şahadatnamanyň nusgasy).

Şahsyýetini tassyklaýan resminamany we ýokary bilimi hakyndaky diplomynyň (ýokary bilimi daşary ýurtda alanlar üçin degişli diplomy we Türkmenistanyň Bilim ministrligi tarapyndan berlen we onuň deň derejelidigini tassyklaýan ykrar şahadatnamany) asyl nusgasyny dalaşgäriň özi getirip görkezýär